# Bu şeýle bor…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Bu şeýle bor… BU ŞEÝLE BOR…

Sen bol-bolma, asla, ýok eken parhy.
Günler tirkeşip dur aýlar aýlanyp.
Seň boşan otagňa gözüm düşmese
Maňa kär edenok soňsuz aýralyk.

Baramok seň bilen barlan ýerlere.
Dostlaryňy görsem görmedik bolýan.
Ýaşamak borjum bar, çünki men ene
Çagalarym üçin ýaşajak bolÿan.

Zeýrenmek islämok, razy pelekden.
Beslenýan, guwanýan, öňki deý gülýän.
Gözlermiň göreji süýjüje balam
Süleýmanym üçin ýaşajak bolýan.

Ýalňyzmyň ýa gussalymyň äwenok
Hic zat parhyna däl bu goja dünÿäň.
A men seniň üçin ýiten günlermiň
Bu gün deregini ýaşajak bolýan.

Söýmedigi göz görmese unudyp
Söÿen üçin ýüregiňi goÿsa bor
Ömür gysga geregi ÿok kinäniň
Nesip bolsa,
Bu şeýle bor,
Şeýle bor.

Zöhre ÖWEZOWA.

Stambul, 2022 ý. Goşgular